Injik süňkleri (tibia et fibula) özarasynda üznükli (art.tibiofibularis) weüznüksiz(syndesmosis tibiofibularis, membrana interos-sea cruris) birleşmeler arkaly birigýärler.

**Injigara bogun** (articulatio tibiofibula-ris) kiçi injik süňküniň bogun üsti uly injik süňküniň kiçi injik bogun üsti bilen birleşmesi bolýar. Bogun üstleri ýasy bolup, olaryň gyra-lary boýunça berk dartylan bogun torbasy berki-dilýär. Bogun boşlugy kähalatda dyz bognunyň boşlugy bilen baglanyşýar. Torbany öňden kiçiinjik süňküniň kellesiniň öňki baglaýjysy(lig. capitis fibulae anterius), yzdan kiçi injik süňküniň kellesiniň yzky baglaýjysy (lig.capitis fibulae posterius) berkidýär. Bu bogunda hereketler çäklenendir. Injigara sindesmoz bogny [(syndesmosis (articu-latio) tibiofibularis)] üznüksiz birleşme bolup, uly injik süňküniň distal epifiziniň kiçi injik gädigi we daşgapdal (lateral) topugyň bogun üsti bilen emele gelýär (104-nji surat). Bu sindesmoza, köplenç, injik – daban bognunyň sinowial perdesi güberýär. Şeýle ýagdaýlarda ol aşaky injigara bogny [(art. tibiofibularis (inferior))] emele getirýär. Sepleşýän uly injik we kiçi injik süňkleriniň aşaky epifizleriniň birleşýän üstleriniň arasynda köp mukdarda gysga birleşdiriji dokuma süýümleri ýerleşýär. Öňden we yzdan bu birleşmäni öňki we yzky kiçi injigara baglaýjylary (lig. tibiofibularis anterius et posterius) berkidýär. Olar daşgapdal topuk we uly injik süňküniň arasynda ýerleşýär. Bu birleşmede hereket düýbünden ýokdur.

**Injigiň süňkara perdesi** (membrana interossea cruris) uly injik we kiçi injik süňkleriniň süňkara gyralarynyň arasynda çekilendir. Ol bilegiň süňkara perdesi-ne garanda has galyňdyr. Perdäniň ýokarky we aşaky böleklerinde damarlar we nerwler geçer ýaly deşikler bar. Uly injik we kiçi injik süňkleriniň arasynda here-ket düýbünden bolman, injigiň daýanç işi bilen baglanyşykda kiçi injik süňküniňinjik – daban bognuny emele getirmäge gatnaşmagydyr.

**Sonagözel NURGELDIÝEWA**
**Myrat Garryýew adyndaky**
**Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk**
**uniwersitetiniň assistenti**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024